# Imperializm Ýakyn Gündogarda ýene köp gan dökjege meňzeýär!..

Category: Kitapcy,Publisistika
написано kitapcy | 26 января, 2025
Imperializm Ýakyn Gündogarda ýene köp gan dökjege meňzeýär!..
IMPERIALIZM ÝAKYN GÜNDOGARDA ÝENE KÖP GAN DÖKJEGE MEŇZEÝÄR!..




*«Türkiýe Afrinde ymykly ýeňiş gazanaýanda-da, Ýewfratyň gündogaryndan abanýan howp Türkiýäni nyşanalamagy dowam etdirer. Sebäp, ABŞ Ýewfratyň gündogarynda PKK-PYD – «Garnizon döwletini» gurmak pikirinden el çekenok. Şeýle-de, ABŞ Siriýada «front güýji» hasaplaýan YPG-sini-denem ýüz öwräýenok!..»*
* * *

«Sebitde islendik pursat özara çaknyşyga girip biljek iki sany ýaranlyk bar: Bularyň birinjisi – Tährandan, Damaskdan, Beýrutdan, «Hizbullahdan», Gazzeden ybarat antisionistik

ýaranlyk, beýlekisi bolsa ABŞ bilen Ysraýylyň düzen sionistik ýaranlygydyr. Saud Arabystany tarapyndanam goldanýan sionistik ýaranlygyň düýp maksady – Ysraýyl üçin howp abandyrýan «Tähran-Damask-Beýrut-«Hizbullah»-Gazze» antisionistik ýaranlygynyň öňüne taýak oklamak, sebitde agalyk ediji güýç hökmünde güýçlenen Eýrany gabamak we giňelme syýasatynyň öňüni almakdyr. Sionistik ýaranlygyň bir maksady-da Siriýanyň çäklerinde Ysraýylyň golastyndaky Golan depelerini gorap biljek 40 km çuňlukdaky tampon sebiti emele getirmekdir…»

* * *

«ABŞ we Ysraýyl Ýewfratyň gündogarynda gurjak bolýan garnizon döwletini Eýrana garşy guraljak harby operasiýalaryň merkezi hökmünde ulanmaga niýetlenýärler. Uruşdan soň Eýranyň üstündäki gözegçiligiňem şu ýerden dolandyrylmagy meýilleşdirilýär. ABŞ-nyň Eýrana çozjakdygy hakdaky myş-myşlaryň soňky kyrk ýyllyk döwürde wagtal-wagtal orta atylyp gelinendigini, ýöne az wagtdanam ýatdan çykyp galýandygyny gördüi. Emma bu gezek ýagdaý düýpgöter başgaça we çynlakaý görünýär. Şeýle-de, ABŞ-nyň Howpsuzlyk boýunça döwlet geňeşçisi Makmaster 2018-nji ýylda Mýunhende geçirilen Howpsuzlyk konferensiýasynda eden çykyşynda, sebite howp abandyrýan Eýranyň harby güýjüni we sebitleýin toruny yzygiderli artdyrýandygyny aýdandan soň, «Indi Eýrana garşy herekete geçmegiň wagtynyň gelendigini pikir edýäris» diýip, Eýrana haýbat atmakdan has beter ýagdaýda ultimatum beripdi. Şoo sebäpden Ysraýylyň tampon maksatnamasynyň durmuşa geçirilmegine Siriýa bilen Eýranyň güýçli garşylyk görkesen ýagdaýynda, bu ýagdaýyň agzalan iki ýaranlygyň arasynda uruşa sebäp boljagy ikiuçsyzdyr. Siriýadaky deňeçerligi bulam-bujar edip taşlajak bu üýtgeşmäniň Saud Arabystanyny-da öz içine alyp, ABŞ bilen Ysraýylyň Eýran bilen uly hasaplaşyga öwrülmegi ähtimaldyr…»




* * *
Ýokardaky sitatalary ähli çaklamalary dogry çykan pensioner ilçimiz Şükri Elekdag bilen 2018-nji ýylyñ 29-njy fewralynda geçiren gürrüñdeşligimden aldym. Şol ýyldan bäri nijeme zatlar bolup geçdi.
Emma amerikan-ysraýyl imperializminiñ Ýakyn Gündogar babatda ýöredýän hasaplary, Beýik Ýakyn Gündogar Maksatnamasy (BÝGB) üýtgewsizligine galdy.
«Hamasyñ» çozuşlaryny bahana edip ençeme ýyllap sütemkärlik edip gelýän Ysraýyl demde öz-özüni goramak hukugyndan peýdalanýan ýurda öwrüldi duruberdi!..

* * *

Häzir hemmeleriñ dilinde şu soraglar bar:
«Gazzede guş uçsa habary bolýan, haýsy tarapa uçandygyny bilýän MOSSAD-yñ we onuñ ülpeti MRU-nyñ kontrrazwedka ulgamynyñ şu hüjümden habarly bolmadymyka?..»
Ýa bolmasa bu hüjüm Ysraýylyñ «zalym ýurt» häsiýetlendirmesinden çykyp, «bigünä ýurda» öwrülmegini we BÝGM-da iñ soñky hemle bolan karta üýtgeşmesi girizmek tapgyryny üpjün etmek maksady bilen gurlan düýpli duzakmydy?
Galyberse-de Russiýanyñ Howpsuzlyk geñeşiniñ başlygynyñ orunbasary Medwedew «Alty günlik uruşlaryñ» ellinji ýyl dolanşygynda «Hamas» bilen Ysraýylyñ arasynda çaknyşyklaryñ başlamagy garaşylaýjak zatdy. Waşington we onuñ ýaranlary iñ köp şuña üns bermelidiler» diýdi.
Soraglaryñ jogabyny wagt berer.
Emma eýýämden bir pygyl anyk görünýär, olam Netanýahunyñ aýdanlary: «Bu uruş uzaga çeker we Ýakyn Gündogar doly üýtgär!..»
Biçäre palestin halky bilen birlikde bigünä raýatlar bomba ýagmyryna tutular we imperializm BÝGM-na iñ soñky şekilini bermek üçin köp gan döker!..

Ugur DÜNDAR.

«SÖZCÜ» gazeti, 11.10.2023 ý. Publisistika